**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.*

№24 (74) | 2023-nji ýylyň 30-njy sentýabry



Syýasy teswir

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***20-nji*** sentýabrda Er-Riýadda (Saud Arabystany) geçirilen Bütindünýä mirasy komitetiniň 45-nji mejlisinde Türkmenistanyň Özbegistan we Täjigistan Respublikalary bilen bilelikde hödürlän «Beýik Ýüpek ýoly: Zarawşan — Garagum geçelgesi», şeýle hem Türkmenistanyň Özbegistan we Gazagystan Respublikalary bilen bilelikde hödürlän «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamalaryny bu guramanyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek hakynda çözgüt biragyzdan kabul edildi. Ýurdumyzyň «Bereketli Garagum», «Gaplaňgyr» döwlet tebigy goraghanalarynyň, «Repetek» döwlet biosfera goraghanasy we onuň «Ýerajy» çäkli goraghanasynyň çöl ekoulgamlary hem ýokarda agzalan sanawa girizildi.

* * *

***21 — 23-nji*** sentýabrda türkmen wekiliýeti Hytaý Halk Respublikasynyň Şensi welaýatynyň Sian şäherinde geçirilen «Hytaý — Merkezi Aziýa» ylmy-barlag merkezleriniň üçünji forumyna gatnaşdy. Bilermenler forumynyň bu gezekki temasy «Hytaýyň we Merkezi Aziýanyň umumy ykbalynyň has ýygjam bileleşigini döretmek ugrundaky tagallalary birleşdirmek» diýip atlandyryldy. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty forumyň guramaçylarynyň biri hökmünde çykyş etdi.

* * *

***24-nji*** sentýabrda Türkmenistanyň Maslahatlar merkeziniň binasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Umumymilli forumyň gün tertibine ýurdumyzy mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmagyň ileri tutulýan wezipeleri girizildi.

* * *

***25-nji*** sentýabrda hormatly Prezidentimiz Russiýanyň Astrahan oblastynyň gubernatory Igor Babuşkini kabul etdi. Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň Prezidenti hemde Russiýanyň iri sebitiniň ýolbaşçysy Türkmenistanyň bilen Astrahan oblastynyň arasyndaky özara hyzmatdaşlygyň işjeň häsiýeti bilen tapawutlanýandygyny kanagatlanma bilen bellediler.

* * *

***25 — 27-nji*** sentýabrda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy mynasybetli «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara habarlar giňişliginde» atly halkara mediaforum geçirildi.

* * *

***26-njy*** sentýabrda wise-premýer, Türkmenistanyň daşary işler ministri R.Meredow Aşgabada sapar bilen gelen Bütindünýä gümrük guramasynyň Baş sekretary Kunio Mikuriýan bilen gepleşikleri geçirdi. Duşuşygyň dowamynda taraplar Türkmenistan bilen Bütindünýä gümrük guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň häzirki gün tertibi we mundan beýläk amala aşyryljak hyzmatdaşlygyň geljegi barada pikir alyşdylar.

* * *

***26-njy*** sentýabrda hormatly Prezidentimiz Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi hanym Beata Peksany kabul etdi.

* * *

***26-njy*** sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli dabaralara gatnaşmak üçin Aşgabada gelen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow bilen duşuşdy.

* * *

***26-njy*** sentýabrda Tokio şäherinde «Merkezi Aziýa+Ýaponiýa» dialogynyň çäklerinde döredilen ministrler derejesindäki ykdysady we energetika dialogynyň gibrid görnüşinde birinji duşuşygy geçirildi. Mejlise türkmen tarapyndan «Türkmengaz» döwlet konserniniň başlygy Maksat Babaýew sanly ulgam arkaly gatnaşdy.

* * *

***27-nji*** sentýabrda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow ata Watanymyzyň baş baýramy bolan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllygy mynasybetli guralan dabaralara gatnaşdy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 32 ÝYLLYGY MYNASYBETLI HALKARA MASLAHAT GEÇIRILDI

2023-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy: halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň tejribesi we geljegi» atly halkara maslahat geçirildi. Maslahata Türkmenistanyň Mejlisiniň başlygy, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli orunbasarlary, Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary we işgärleri, Türkmenistanyň diplomatik düzüminiň, ýurdumyzda hereket edýän daşary ýurtly diplomatik wekilhanalaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, professor-mugallymlary we talyplary, syýasatşynaslar gatnaşdylar. Halkara maslahatynyň öňüsyrasynda oňa gatnaşyjylar institutyň baş binasynda ýaýbaňlandyrylan sergini synladylar.

### ВОСПЕВАЯ ДОРОГУЮ ОТЧИЗНУ

В целях раскрытия способностей студентов и совершенствования их творческих навыков, Центральным советом Молодежной организации Туркменистана имени Махтумкули и редакцией газеты «Адалат» был проведен творческий конкурс. В творческом смотре с энтузиазмом приняли участие молодые специалисты, работающие в правоохранительных органах, а также студенты юридических вузов.



Работы, представленные на творческий конкурс, отличаются друг от друга по содержанию, идеей и художественностью. Жюри было непросто определить победителей, выявить лучшие творческие работы. По итогам конкурса, студентка IV курса факультета международного права Института международных отношений МИД Туркменистана Умыт Аннагылыджова заняла 1-е место.

### A CEREMONIAL EVENT TOOK PLACE

On September 20, 2023, at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, on the occasion of the 32nd anniversary of sacred independence, a festive song and musical celebration called "Garaşsyzlyk – halkyň ganat açmasy" was held.

The event was attended by teachers and students of our institute. With their impressive performances, the music and dance group of our institute brought bright colors to the festive celebration.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

*Türkmen halkynda «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz», «Geňeşsiz iş bolmaz» diýen ýaly pähim-paýhaslar bar. Şeýle parasatly jümleler asyrlarboýy halkymyzyň döwleti dolandyrmak dessurynyň, döwletlilik ýörelgesiniň özeni bolup hyzmat edipdir. Şeýle bolansoň, ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgesine eýerip, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 24-nji sentýabrynda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda örän möhüm waka bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.*

Agzybir halk — kämil jemgyýet

# DÖWLETLILIGIŇ MIZEMEZ SÜTÜNI

Bu taryhy wakanyň halkymyzyň baş baýramynyň — mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 32 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda geçirilmegi bolsa, pederlerimizden gelýän asylly däbiň — toýa uly bir geňeş bilen başlamak däbiniň mynasyp dowamatyna öwrüldi. Sebäbi Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwlet Garaşsyzlygy bilen rowaçlanan milli demokratiýanyň döwrebap ülňüsidir. Halkymyzyň we döwletimiziň durmuşynda örän ähmiýetli waka bolan umumymilli forumyň gün tertibi ýurdumyzy mundan beýläk-de bedew bady bilen ösdürmäge, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmagyň ileri tutulýan wezipelerini özünde jemledi. Türkmenistanyň nobatdaky Halk Maslahatynda ara alnyp maslahatlaşylan meseleler hem halkyň durmuş taýdan goraglylygyny güýçlendirmekden başga-da aň kämilligi babatynda hem örän bähbitlidir.

Halk Maslahaty milli demokratiýanyň ýurdumyzda halka daýanyp, halkyň hatyrasyna amala aşyrylýandygyny görkezýär. Gahryman Arkadagymyzyň taryhy çykyşy bolsa biziň üçin uly mekdebe öwrüldi. Milli Liderimiziň sözlän sözi halkymyzy beýik geçmişine buýsanmaga, has röwşen ertirlere ynam bilen garamaga esas döredýär. Ýurdumyzyň döwlet gurluşynyň esaslaryny kesgitleýän Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň özygtyýarlylygy halk tarapyndan amala aşyrylýar. Halk döwlet häkimiýetiniň ýeketäk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar. Hemme wekilçilikli edaralaryň demokratik esasda saýlawlylygy halk bilen häkimiýetiň özara ynamynyň, jemgyýetiň, döwletiň işini dolandyrmaga gatnaşmak üçin raýatlaryň öz konstitusion hukuklarynyň işjeň durmuşa geçirýändiginiň, raýat jemgyýetiniň yzygiderli kämilleşýändiginiň alamatydyr.

> *Halk Maslahatynyň esasy aýratynlygy, onda jemgyýetiň ähli gatlaklaryndan bolan, dürli ýaşdaky, dürli kärdäki raýatlaryň öz pikir-garaýşyny beýan etmäge mümkinçiliginiň bardygydyr.*

Halk Maslahatynyň esasy aýratynlygy, onda jemgyýetiň ähli gatlaklaryndan bolan, dürli ýaşdaky, dürli kärdäki raýatlaryň öz pikir-garaýşyny beýan etmäge mümkinçiliginiň bardygydyr. Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli wajyp meseleleriň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ara alyp maslahatlaşmagyna girizilmegi döwrüň talabydyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, mertebesi belent hormatly Prezidentimiziň paýhaslaryndan kemal tapan netijeli usullaryň halkyň garamagyna hödürlenmegidir.

24-nji sentýabrda geçirilen Halk Maslahatynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadygymyz çykyş edip, türkmen halkynyň garaşsyzlyk we döwletlilik, watansöýüjilik hem-de ynsanperwerlik düşünjeleriniň gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýandygyny, biziň beýik ýeňişlerimiziň hem-de üstünliklerimiziň, döwletimiziň barha artýan halkara abraýynyň esasynda Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygynyň durýandygyny aýratyn belläp geçdi. Gahryman Arkadagymyz taryhy çykyşynda, hususan-da, şeýle belledi: «Geçen 32 ýylda biz amala aşyran işlerimiziň netijesinde halk bilen häkimiýetiň, döwlet bilen raýatyň arasynda örän mäkäm we synmaz gatnaşyklary — milli bähbitlerimiziň bitewüligini üpjün etdik. Bu bolsa Garaşsyz Türkmenistanyň ösüş nusgasynyň düýpli aýratynlygydyr».

Şu gezekki taryhy maslahatda halkymyzyň, Watanymyzyň bähbidine örän köp wezipeler, örän köp tutumlar öňe sürüldi, halk wekilleriniň teklipleri diňlenildi. Türkmenistany ösüşleriň täze belentliklerine tarap



ynamly alyp barýan we häzirki döwürde ata-babalarymyzyň asylly däplerini dowam etdirmek babatda giň gerimli işleri amala aşyrýan gujur-gaýratly, zehinli, maksada okgunly döwlet Baştutanymyzyň ägirt uly hyzmatlarynyň göz öňünde tutulyp, foruma gatnaşyjy ýaşulularyň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy baradaky teklibiň biragyzdan goldanylmagy, Halk maslahatynyň taryhy çözgütleri esasynda Arkadagly Serdarymyza Türkmenistanyň iň ýokary tapawutlandyryş derejesi — «Altyn Aý» altyn nyşanynyň gowşurylmagy bilen, Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy ähli türkmenistanlylaryň başyny göge ýetirdi. Arkadagly Serdarymyza döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň öňünde bitiren aýratyn görnükli hyzmatlary üçin ýurdumyzyň iň ýokary döwlet sylagynyň – Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy bizi diýseň buýsandyrýar. Çünki bu belent at mertebesi belent hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň özygtyýarlylygyny, konstitusion gurluşyny, döwlet garaşsyzlygyny we hemişelik bitaraplygyny pugtalandyrmaklyk, milli demokratik jemgyýetimizi, halkyň agzybirligini berkitmeklik, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramaklyk babatda goşan ägirt uly şahsy goşantlarynyň, döwletimiziň hem halkymyzyň öňünde bitiren beýik hyzmatlarynyň bütin türkmen halky tarapyndan ykrar edilmegidir. Munuň özi döwlet Baştutanymyzyň baştutanlygynda amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň ählihalk tarapyndan goldawa mynasyp bolýandygynyň, peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň mähriban halkymyzyň söýgüsini gazanandygynyň aýdyň beýanydyr.

Halk maslahatynyň dowamynda edilen çykyşlarda bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösüşiniň, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalarynyň hem-de hormatly Prezidentimiziň alyp barýan giň gerimli işleriniň netijesidir. Munuň özi türkmen halkynyň Gahryman Arkadagymyz hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan alnyp barylýan özgertmeleri çyn ýürekden goldaýandygynyň subutnamasydyr. Ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilen nobatdaky Türkmenistanyň Halk Maslahaty hem adamlary belent maksatlaryň daşynda birleşdirip, öňe alyp gitmekde uly güýç bolup hyzmat eder.

Şulary jemläp aýdanymyzda, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi hem de-mokratik, dünýewi, hukuk döwletimiziň kanunçylyk binýadynyň has kämilleşmeginde ýatdan çykmajak waka hökmünde milli senenamamyzda aýratyn orun aldy.

***Mähriban GANDYMOWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.***

## Из событий туркменских дипмиссий за рубежом

23 сентября Руководство агентства Türkmendemirýollary провело онлайн-встречу с представителями Министерства земельных ресурсов, инфраструктуры и транспорта Республики Корея, Корейской железнодорожной корпорации, а также госкомпании Korea National Railway, сообщает посольство Туркменистана в Сеуле. Для проведения более конкретных очных переговоров стороны договорились работать над организацией визита южнокорейских железнодорожников в Туркменистан в конце октября или начале ноября 2023 года. Туркменская сторона выразила признательность за интерес к сотрудничеству и пригласила коллег принять участие в предстоящем 16-м Форуме сотрудничества «Центральная Азия — Республика Корея», который пройдет в Ашхабаде 1 ноября.

* * *

23 сентября заместитель министра иностранных дел Узбекистана Бобур Усманов встретился с послом Туркменистана Шадурды Мередовым, чтобы обсудить состояние и перспективы развития двусторонних отношений, сообщает пресс-служба Посольства Туркменистана в Узбекистане. Стороны отметили, что отношения между Узбекистаном и Туркменистаном развиваются в позитивном направлении. Особое внимание было уделено расширению торгово-экономического сотрудничества, межрегионального взаимодействия и культурно-гуманитарных связей.

* * *

25 сентября Посольство Туркменистана в Грузии провело брифинг для местных СМИ, посвящённый 32-й годовщине Независимости Туркменистана, а также участию Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в работе 78-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН.

На брифинге выступил чрезвычайный и полномочный посол Туркменистана в Грузии Довелетмырат Сейитмаммедов, который отметил, что за годы независимости достигнуты огромные успехи в политической, экономической, культурной и социальной сферах.

* * *

26 сентября в японском университете Цукуба стартовал курс по изучению туркменского языка. В нем участвуют более 50 студентов, как японских, так и иностранных, сообщает посольство Туркменистана в Японии.

В тот же день университет посетил посол Туркменистана в Японии Атадурды Байрамов. В ходе визита он ознакомился с процессом обучения и прочитал студентам новое стихотворение Национального Лидера Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова о Махтумкули Фраги.

* * *

26 сентября в здании Президентской библиотеки, расположенной во дворцовом комплексе Президента Турецкой Республики, Посольством Туркменистана в Анкаре совместно с Фондом «EkoAvrasiya» была организована Международная конференция, посвященная 32-й годовщине Независимости Туркменистана, сообщает пресс-служба туркменского дипппредставительства.

***Подготовила: Ораздженал ЧАРЫЯРОВА, студентка I курса факультета международной журналистики.***

*Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Halk Maslahatynyň mejlisindäki eden çykyşynda şu ýylyň başyndan bäri JIÖ-niň ösüşi 6,2% möçberde saklanýandygyny belledi.*

*Şanly Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllygy mynasybetli Watanymyzyň daşary ýurtlardaky wekilhanalarynyň birnäçesi dabaraly çäreleri guradylar.*

# Türkmenistan – BMG:
## *parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ähliumumy ösüşiň strategiýasy*



Häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmäge işjeň gatnaşmak, Ýer ýüzünde parahatçylygy, durnuklylygy pugtalandyrmak, sebit hem-de ählumumy derejede netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen, oňyn halkara dialoga hemmetaraplaýyn ýardam bermek Türkmenistanyň daşary syýasy işiniň, şeýle-de türkmen diplomatiýasynyň strategik ugry bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan hoşniýetli goňşuçylyga, özara hormat goýmaga, deňhukuklylyga we dünýäniň ähli döwletleri bilen köptaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan Bitaraplyk syýasatyny dowam eder. Döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan esasy ýörelgeler, ýagny ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagy, hoşniýetli erk-islege esaslanýan dost-doganlyk gatnaşyklarynyň giňeldilmegi, dünýäde durnukly ösüşiň üpjün edilmegi mundan beýläk-de Garaşsyz türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolar. Türkmenistan abraýly halkara, sebit we döwletara hyzmatdaşlyk mehanizmlerine işjeň gatnaşmak bilen, parahatçylyk hem-de ynanyşmak medeniýetiniň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar, deňeçer we jebisleşdiriji halkara gün tertibiniň yzygiderli durmuşa geçirilmegine ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen maksada okgunly we uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ýurdumyzyň daşary syýasatynyň strategik ugry esasynda üpjün edilýär. Türkmenistan Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek meselelerinde kesgitleýji binýat hökmünde guramanyň möhüm ornuny ykrar edýär. Merkezi Aziýada parahatçylygy, howpsuzlygy we hoşniýetli goňşuçylygy üpjün etmek, şeýle hem sebitiň serhetýaka derýalarynyň suwuny peýdalanmagyň mehanizmlerini ýola goýmak babatda ýurdumyz BMG bilen bilelikde uly işleri durmuşa geçirýär.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalarynda berkidilen parahatçylyk döredijilikli möhüm başlangyçlaryň, şol sanda 2023-nji ýyly «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjyň awtory bolup durýar. Bu başlangyç dünýäniň halklarynyň parahatçylykly, özara ynanyşykly ýaşamagynyň däplerini pugtalandyrmak boýunça tagallalary birleşdirmäge, ählumumy wehimlere jogap bermek, bar bolan meseleleri çözmek hem-de geljekki nesiller üçin abadan geljegi gurmak babatda dialogyň we hyzmatdaşlygyň esasynda bilelikdäki işe gönükdirilendir.

Häzirki döwrüň wehimlerine we howplaryna garşy durmak boýunça tagallalary birleşdirmek bilen baglylykda, Türkmenistan terrorçylyga garşy göreşmek ulgamynda bilim bermek işini ösdürmegiň, şol sanda degişli maksatnamalary ornaşdyrmagyň, okuw meýilnamalaryny işläp taýýarlamagyň, medeniýetleriň arasynda dialogy pugtalandyrmagyň zerurdygyny belleýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz BMG-niň Terrorçylyga garşy göreşmek müdirligi bilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň binýadynda Merkezi Aziýa üçin Terrorçylyga garşy göreşmek maksatnamasyny döretmek boýunça işleri dowam etdirýär.

2023-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyna gatnaşdy. Döwlet Baştutanymyz Birleşen Milletler Guramasynda sebit we ählumumy derejädäki wajyp meseleler boýunça ýurdumyzyň ileri tutulýan garaýyşlaryny, şeýle hem ählumumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge gönükdirilen täze, döredijilikli başlangyçlaryny beýan etdi. Hormatly Prezidentimiz çykyşynda: «Merkezi Aziýa Hazar deňzine galtaşýan sebitdir. Özboluşly tebigy toplum bolan bu deňziň Ýer togalagynyň ekologiýasy babatda nähili ähmiýetiniň bardygy hemmelere mälimdir. Kenarýaka ýurtlar tarapyndan köpýyllyk tutanýerlilik we hormat goýmak arkaly alnyp barlan hyzmatdaşlygyň netijesinde, Hazar syýasatynyň umumy esasy düzgünleri işlenip taýýarlandy» diýip nygtady. Munuň özi sebitde Hazar deňziniň ählitaraplaýyn mümkinçilikleriniň ýokary baha berilýändiginiň güwäsidir.

Çykyşynyň barşynda hormatly Prezidentimiz «Merkezi Aziýa — BMG» ugry boýunça inklýuziw, doly görnüşli we ulgamlaýyn dialogy ýola goýmagyň wagtynyň gelendigine ynam bildirip, Türkmenistanyň oňa girişmäge hyzmatdaşlary hormat bilen çagyrýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýada we onuň bilen ýanaşyk zolaklarda Howpsuzlyk boýunça maslahaty döretmek baradaky başlangyç beýan edildi. Maslahatyň maksady Merkezi Aziýa ýurtlaryny we dünýä bileleşigini, halkara guramalary, maliýe we ykdysady institutlary ýakynlaşdyrmaga, bu sebiti durnukly, gapma-garşylyksyz ösdürmegi üpjün etmek işinde olaryň tagallalaryny utgaşdyrmaga gönükdirilen çemeleşmeleri we çözgütleri işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzyň birinji maslahaty 2024-nji ýylda Aşgabatda geçirmäge taýýardygy beýan edildi. Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyndaky çykyşynda öňe süren teklipleri ählumumy abadançylygy gazanmaga gönükdirilendir.

***Aýgözel AŞIROWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy.***

# MERKEZI AZIÝA — HYTAÝ:
## GATNAŞYKLARYŇ ÝOKARY DEREJESI

Dünýä ýurtlarynyň arasynda ilkinji bolup Garaşsyz Türkmenistan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan Hytaý Halk Respublikasy häzirki döwürde ýurdumyzyň örän möhüm hyzmatdaşlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Hytaý Halk Respublikasy bilen strategik gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan pursatyndan bäri 30 ýyldan gowrak wagtyň içinde iki ýurduň arasyndaky köptaraply hyzmatdaşlyk giň gerime eýe bolup, barha ösdürilýär. Hususan-da, Hytaý Halk Respublikasynyň Birleşen Milletler Guramasynda Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlaryna berýän goldawy aýratyn bellärliklidir.

Köp asyrlyk taryhymyza ser salanymyzda, eýýäm irki döwürlerde hem iki halkyň arasynda düşünişmek, däp-dessurlaryň, medeniýetleriň we dünýägaraýyşlaryň özara baglanyşygy ýaly iki tarap üçin oňyn tejribeleriň bardygyny görmek bolýar. Geçmişde halklarymyzy birleşdiren Beýik Ýüpek ýoly diňe bir özara bähbitli söwda ýoly bolman, eýsem giň siwilizasion gatnaşyklar üçin hem köpri bolup hyzmat edipdir. Garaşsyzlygymyz alanymyzdan soňky döwürlerde täze görnüşde dikeldilen bu gatnaşyklar häzirki wagtda türkmen we hytaý halklarynyň ýakynlaşmagy üçin kuwwatly güýç bolup hyzmat edýär. Iki dostlukly döwletiň strategik hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarylyp, syýasy, ylym-bilim, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň ýokarlanmagyna, özara düşünişmäge, hyzmatdaşlyga, iki ýurduň sebitleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň berk binýadynyň ýüze çykmagyna ýardam berýär.

Şu ýylyň 21 – 23-nji sentýabrynda Hytaý Halk Respublikasynyň Şensi welaýatynyň Sian şäherinde «Hytaý – Merkezi Aziýa» ylmy-barlag merkezleriniň üçünji forumy geçirildi. Sebitde we halkara derejede uly ähmiýete eýe bolan bu forum «Hytaýyň — Merkezi Aziýanyň umumy ykbalynyň has ýygjam bileleşigini döretmek ugrundaky tagallalary birleşdirmek» temasyna bagyşlanylyp geçirildi. Foruma Türkmenistandan, şeýle-de sebitiň dürli ýurtlaryndan wekiliýetler, bilermenleriň we alymlaryň ýüzden gowragy gatnaşdylar. Forumyň dowamynda oňa gatnaşýan ýurtlaryň durmuş-ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmaga we sebitara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Forum anyk ugurlarda düýpli pikir alyşmak, sebitiň ýurtlarynyň has jebis bileleşigini döretmek mümkinçiliklerine seretmek



üçin amatly platforma boldy. Şunuň bilen baglylykda, gatnaşyjy taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek we çuňlaşdyrmak, umumy abadançylygy, parahatçylygy hem-de gülläp ösüşi üpjün etmek babatda pikir alyşmalar guraldy.

Üstünlikli geçirilen forum bilen bagly guwandyryjy zatlaryň biri hem Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty onuň guramaçylarynyň biri hökmünde çykyş etdi. Forumda türkmen wekiliýetine ýolbaşçylyk eden institutymyzyň rektory, taryh ylymlarynyň kandidaty Jumamyrat Gurbangeldiýew täze başlangyçlar bilen çykyş etdi. Ol öz çykyşynda «Hytaý – Merkezi Aziýa» formatyndaky dialog barada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň şu sözlerine salgylanyp: «Merkezi Aziýanyň we Hytaýyň halklarynyň köp asyrlyk dostluk gatnaşyklary, hyzmatdaşlygy, özara gatnaşyk tejribesi we hoşniýetli goňşuçylyk tejribesi bar. Merkezi Aziýanyň çäginden geçip, Hytaýdan Ýewropa baran Beýik Ýüpek ýolunyň tutuş dünýä siwilizasiýasynyň ösmeginiň we progresiniň şerti bolandygy mälimdir» diýip belläp geçdi. Rektor öz çykyşyny derwaýys meseleleriň gyssagly çözülmegini talap edýän halkara giňişlikdäki häzirki kyn ýagdaýlary göz öňünde tutmak bilen, forumyň temasynyň örän ýerliklidigine ünsi çekdi. Şeýle-de Türkmenistanyň häzirki döwrüň howplaryna we wehimlerine diňe bilelikdäki tagallalar, syýasy we diplomatik usullar, gepleşikleri geçirmek, ynanyşmak, dialog ýollaryny ulanmaklygyň tarapdarydygy barada aýdyldy.

Mundan başga-da, bu foruma gatnaşyjylar sebitara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda we oňa gatnaşyjy ýurtlaryň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmekde döwletleriniň eýeleýän ornunyň ähmiýetini belläp geçdiler. Şeýle syýasy çäreler Merkezi Aziýanyň we Hytaýyň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygy döwrebaplaşdyrmak üçin goşmaça mümkinçiliklere itergi berýär. Şonuň üçin-de, degişli çäkde döredilen ýakyn hyzmatdaşlyk — «Hytaý – Merkezi Aziýa» formaty sebitiň durnukly ösüşiniň möhüm şerti bolmagynda galýar.

***Meýlis GYLYŞAÝEW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň mugallymy.***

# Türkmenistan halkara habarlar giňişligindäki ornuny pugtalandyrýar

***Bilşimiz ýaly, XXI asyr dünýäde «maglumatlaryň ýüzýyllygy» diýlip atlandyrylýar. Şol sebäpli hem, döwletler derejesinde-de, aýratyn şahsyýetler babatda alnanda-da, dünýäniň habarlar giňişligine oňyn goşulyşmak möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.***

Häzirki wagtda eziz Diýarymyzda hem Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň halkara habarlar giňişligindäki ornuny pugtalandyrmak babatda uly işler durmuşa geçirilýär. Şol maksat bilen hem, 25-nji sentýabrda berkarar döwletimiziň mukaddes Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara habarlar giňişliginde» atly halkara mediaforum geçirildi. Mediaforuma ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, dünýäniň 15-e golaý döwletinden iri teleýaýlymynyň ýolbaşçylary, «Russia Today» halkara teleýaýlymynyň wekilleri bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi. Duşuşyklaryň dowamynda taraplar mundan beýläkki hyzmatdaşlygyň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Myhmanlar Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygynyň öňüsyrasynda geçirilen halkara forumyň ýokary derejede guralandygyna ünsi çekip, foruma gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin minnetdarlyk bildirdiler. Mundan başga-da, forumyň dowamynda Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komi-



habarlar agentlikleriniň wekilleri gatnaşdylar. Şolaryň hatarynda «Большая Азия» habarlar portalynyň, Malaýziýanyň «RTM» teleýaýlymynyň, «Ruptly Russia» agentliginiň, Beýik Britaniýanyň «New Media Networks» kompaniýasynyň, Ýaponiýanyň «SONY» kompaniýasynyň, «TRT World» hem-de «Russia Today» teleýaýlymlarynyň wekilleri bar. Forumda guralan çykyşlarda ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygyndaky işjeňligi, Türkmenistanyň dünýäniň media giňişligindäki orny, şunda iri köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ähmiýeti barada giňişleýin gürrüň edildi. Aşgabatda üstünlikli geçirilen nobatdaky mediaforum köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tagallalaryny birleşdirmekde, özara tejribe alyşmakda netijeli meýdança öwrüldi.

Aşgabatda geçirilen halkara mediaforumyň çäklerinde Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň başlygy A.Aşyrow «Belarus 24» halkara teti bilen «Большая Азия» teleýaýlymynyň arasynda Ylalaşyga gol çekildi. Bu ylalaşygyň maksady Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen agzalan teleýaýlymyň arasyndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

Halkara foruma gatnaşyjylar 26-njy sentýabrda sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäherine aýlanyp gördüler hemde şäheriň aýratynlyklarydyr mümkinçilikleri bilen ýakyndan tanyşdylar. 27-nji sentýabrda bolsa myhmanlar Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy mynasybetli geçirilen dabaralara gatnaşdylar. Bu çäreler daşary ýurtly žurnalistlerde ýatdan çykmajak täsir galdyrdy. Munuň özi geçirilen forumyň ata Watanymyzyň halkara giňişlikdäki abraýyny has-da belende göterjekdigine ynam döredýär.

***Halbibi SATLYKOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň***
***III ýyl talyby.***

# TIPS FOR NEW STUDENTS

**1. Have patience — you will find friends**

Some students come to the institute with the assumption that they'll meet their best friend the first day or that their roommate will become their best friend. They try so hard to make those early relationships work, and they think they've failed when they don't.

You don't need to become best friends with the people you meet on your first day of the institute. You also don't need to become best friends or even "friends" with your roommate. You need to get along with people and be a compassionate person, but not having that friendship bond with random people you meet is perfectly normal.

Keep engaging in the many opportunities for campus involvement, and you'll eventually find people who click with you and become your friends. Most importantly, don't be hard on yourself if you don't find your friends right away.

**2. Take the leap — out of your comfort zone**

Many people feel nervous about the idea of meeting new people and doing new things in the institute. They may want to avoid engaging with new groups or participating in something that isn't familiar. Know that you are not alone in these feelings. It is hard to meet new people and try new things, but setting your mind to it and getting through that initial hurdle can result in opportunities you never imagined. You will have more opportunity for new friendships and feelings of being connected and included your first year if you make an effort to engage.

**3. Reflect on personal priorities**

Institute life is filled with decisions like what classes to take, what groups to join, what people to spend your time with. It is a lot easier to make these decisions if you take time to understand yourself. Make time to reflect on what is working and what isn't — write it down if that helps. What's happening now is a great guide for where you ultimately want to go.

Along those lines, don't let peer pressure overrule your own interests and goals. Some students feel pressure to drink in college or go to the bars. There is a lot to do on campus and you will not miss out if you are not going out.

**4. Own your experience**

You will feel like you belong in the institute more when you have said in what your experience looks like. One of the best ways to do that is to get involved in a student organization that matches your interests. Find one on the list, reach out and attend a meeting. If it doesn't fit, try out another.

**5. Do things alone sometimes**

As a new student, you may get into the habit of planning all your campus outings in the company of friends, but remember you can also do these things alone too. And it's actually good to learn to do things independently. Go eat at the student canteen alone sometimes. Walk to class alone. Or join a student organization alone. Doing things alone can also open you up meeting new people and truly taking in your surroundings. No one looks funny sitting alone. We promise. Someone will probably ask you to sit by them or you'll find someone who looks familiar.

**6. Don't wait for an invite**

Everyone is waiting for an invite. Be bold. Be the person who invites someone else. And if no one wants to come, it's OK to go do it alone.

**7. Have small talk in your back pocket**

Getting to know new people is a necessary part of college life. Have some questions or conversation topics in your back pocket. Hello! I'm Durdy. What's your favorite board game? What have you heard about this teacher? How do you feel about this subject? It's hard to come up with conversations on the spot, so give yourself a head start.

**8. Strategically sit in your classes**

In many classes, you get to pick your seat. Don't go to the back corner. Sit among other people. You may be surprised that you meet some of your best friends in your classes.

Remember even casual, low-stakes relationships like those you make by sitting near the same people in classes or frequenting the same coffee shop can make a difference in improving your overall wellbeing.

**9. Introduce yourself to your teachers**

Our institute has a relatively low student-to-faculty ratio (60 teachers and 571 students), meaning you have a pretty good shot at your teacher knowing you on a first-name basis if you engage. Speak up in class, stay around to talk after lecture, go to office hours or volunteer to help with researches or projects. Because you'll likely be one of few students who actually do this, you'll have a better shot at building a lasting connection that sticks for your years in college. That can lead to a lasting relationship — not to mention a great reference.

**10. Manage your time wisely**

Proper time management makes you more effective. Instead of getting caught up in multitasking, you focus on one activity at a time for a specified duration. This way, you give it your best, which results in you achieving your goals faster.

***Berdigylych YAZMYRADOV,***
***the 2nd year student of the***
***Faculty of International***
***Journalism.***

***Foruma ýöriteleşdirilen düzümleriň, tele we radio ýaýlymlaryň, Türkmenistanyň habar beriş serişdeleriniň wekilleri we daşary ýurtlaryň 100-e golaý köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekiliýetleri gatnaşdy. Forumyň guramaçysy hökmünde Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti çykyş etdi.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland!

Baş redaktor
Aýnabat NAZAROWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: B.Garaýew.
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.
Fotohabarçy: B.Ýazmyradow.
Korrektor: A.Döwletowa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.
E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com